**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**
**– BIZ DÜNÝÄNIŇ ÄHLI ÝURTLARY WE HALKLARY ÜÇIN AÇYKDYRYS!**

# ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

METBUGAT – ELEKTRON GAZETI
ELECTRONIC NEWSPAPER

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT

Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty.

Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar.

№22 (105) 2024-nji ýylyň 10-njy sentýabry.



## HEPDÄNIŇ MÖHÜM WAKALARY

**1-nji sentýabrda** — Bilimler we talyp ýaşlar gününde Aşgabatda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň gatnaşmagynda Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Berdimuhamet Annaýew adyndaky Ýöriteleşdirilen harby mekdebiniň täze, binalar toplumynyň hem-de Aşgabat şäher häkimliginiň toplumynyň binasynyň açylyş dabaralary boldy.

1-nji sentýabrda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Enä tagzym – mukaddeslige tagzym» atly kitabynynyň pars dilindäki neşiriniň tanyşdyrylyş dabarasy geçirildi.

* * *

**2-nji sentýabrda** türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow «Çalyk Holding» kompaniýalar toparynyň dolandyryjylar geňeşiniň başlygy Ahmet Çalyk hem-de «Rönesans Holding» kompaniýasynyň müdiriýetiniň başlygy Erman Ylyjak bilen duşuşdy.

* * *

**3-nji sentýabrda** Stokgolmda türkmen-şwed syýasy geňeşmeleri geçirildi. Türkmen tarapyna Türkmenistanyň daşary işler ministriniň orunbasary Mähri Bäşimowa, şwed tarapyna Şwesiýa Patyşalygynyň Daşary işler ministrliginiň Gündogar Ýewropa we Merkezi Aziýa boýunça departamentiniň başlygy Tobias Tiberg ýolbaşçylyk etdi.

* * *

**4-nji sentýabrda** Türkmenistanyň Prezidenti, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy goşun generaly Serdar Berdimuhamedow Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda harby we hukuk goraýjy edaralaryň şu ýylyň ýanwar — awgust aýlarynda ýerine ýetiren işleriniň netijelerine garaldy.

4-nji sentýabrda Türkmenistanyň daşary işler ministriniň orunbasary Ahmet Gurbanowyň BMG-niň Adam hukuklary boýunça ýokary komissarynyň Merkezi Aziýa boýunça sebitleýin wekili Matilda Bogner bilen duşuşygy geçirildi.

4-nji sentýabrda Arkadag şäheri Koreýa Respublikasynda geçirilen «akylly» şäherleriň «World Smart City Expo 2024» sergisinde üç sylag bilen sylaglandy. Sergide dürli ugurlarda tapawutlanan ýerli we daşary ýurt şäherleri, şeýle hem kompaniýalary ýokary sylaglara eýe boldular. «Akylly» Arkadag şäheriniň çärede ilkinji sylaglanan gatnaşyjy bolandygy bellärliklidir.

* * *

**5-nji sentýabrda** Helsinki şäheriniň «EastCham Finland» binasynda «Finnish Water Forum», «Watermaster», «Wärtsilä», «Agronic Oy», «Reorbit», Fin Meteorologiýa instituty ýaly öňdebaryjy maliýe kompaniýalarynyň gatnaşmagynda «tegelek stol» geçirildi.

### Syýasy habarlar

Çärede türkmen tarapyna daşary işler ministriniň orunbasary Mähri Bäşimowa, fin tarapyna «East Cham Finland» kompaniýasynyň Baş direktory hanym Ýaana Rekolainen ýolbaşçylyk etdi.

* * *

**6-njy sentýabrda** BMG-niň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasynda Türkmenistanyň başlangyjy bilen hem-de Milletler Bileleşigine agza döwletleriň biragyzdan goldamagynda «Birleşen Milletler Guramasynyň oýunlary» atly Kararnama kabul edildi.

6-njy sentýabrda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginde wise-premýer, daşary işler ministri Raşid Meredow bilen Halkara awtomobil ulaglary bileleşiginiň (IRU) Baş sekretary Umberto de Prettonyň arasynda duşuşyk geçirildi.

* * *

**7-nji sentýabrda** türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy, Hormatly il ýaşulusy Gurbanguly Berdimuhamedow Arkadag şäherine iş saparyny amala aşyryp, bu ýerde degişli ýolbaşçylaryň gatnaşmagynda iş maslahatyny geçirdi we täze şäheriň ýol-ulag düzümine degişli desgalaryň taslamalary bilen tanyşdy.

* * *

**8-nji sentýabrda** türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Prezident Kasym-Žomart Tokaýewiň çakylygy boýunça Çarwadarlaryň V bütindünýä oýunlarynyň açylyş dabarasyna gatnaşmak üçin Gazagystan Respublikasyna iş saparyny amala aşyrdy.

**«Ýaş diplomatyň sesi».**




### «DIPLOMATIK PROTOKOL» ATLY ÝÖRITELEŞDIRILEN OKUW MERKEZINIŇ ÜÇÜNJI TAPGYRY BAŞLANDY

2024-nji ýylyň 2-nji sentýabrynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda «Diplomatik protokol» atly ýöriteleşdirilen okuw merkeziniň üçünji tapgyryna badalga berildi.

Mälim bolşy ýaly, diplomatik protokol Hökümet, daşary syýasat edaralary, diplomatik wekilhanalar hem-de beýleki resmi adamlar tarapyndan halkara gatnaşyklar boýunça berjaý edilýän düzgünleriň, däpleriň we şertleriň toplumydyr. Protokolyň düzgünleri «halkara sypaýyçylyk» diýlip atlandyrylýan ýörelgä esaslanýar. Şunuň bilen baglylykda, dünýä giňişliginde ýurdumyzyň bähbitlerine wekilçilik edip bilýän ýokary hünär derejeli diplomatik işgärleri halkara standartlara laýyklykda taýýarlamak ulgamynyň kämilleşdirilmegi zerur bolup durýar.

### СТУДЕНТЫ ПОДЕЛИЛИСЬ СВОИМИ ВПЕЧАТЛЕНИЯМИ

4 сентября 2024 года в Институте международных отношений Министерства иностранных дел Туркменистана состоялось мероприятие, посвященное презен-



тации студентов, которые приняли участие в учебных программах за пределами страны.

Так, студент нашего института Исмаил Бердиев принял участие в программе «Университетские летние курсы в Германии для иностранных студентов и специалистов», которая проходила в Институте международной коммуникации в Берлине в рамках программы «Германская служба академических обменов» (DAAD), а две студентки – Юпар Эгирджаева и Акгозель Расулова, приняли участие в учебной программе «Экологические проблемы для молодежи», проводимой в колледже Грин-Ривер в Оберне, штат Вашингтон, в рамках программы «Институты исследований США» (SUSI).

### METHODOLOGICAL CONSULTATION “MAIN DIRECTIONS OF FURTHER IMPROVEMENT OF TEACHING FOREIGN LANGUAGES”

On September 5, 2024, under the leadership of the Ministry of Education of Turkmenistan, a methodological conference entitled “Main Directions of Further Improvement of Teaching Foreign Languages” was held at Dovletmamed Azadi Turkmen National Institute of World Languages on the results of assessing the level of foreign language mastery of students in higher and vocational education institutions of Turkmenistan.

Maya Atajanova, Osman Hemzayev and Maya Chariyeva, instructors of the Department World Languages of the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan, took part in the meeting along with the teachers of higher educational establishments and vocational schools of the country. During the conference, speeches were made on the activities based on the tasks set in “The Concept of Improving Teaching of Foreign Languages in Turkmenistan”, on developing the educational system in accordance with the requirements of modern life, the results achieved in improving the methodology of teaching foreign languages, the achievements of international cooperation in the education system of the country, the formation of the digital environment of education and the use of innovative educational technologies.

**«Ýaş diplomatyň sesi».**

# THE NEW PAGE OF FRIENDLY RELATIONS



Nowadays, the principles of Turkmen-Tajik cooperation are being enriched with new meaning. On September 1, 2024, the opening of the secondary school named after Magtymguly in the Dusti district opened a new page in the further development of bilateral humanitarian cooperation between the two countries.

The heads of the two countries took part in this historic ceremony via a digital network. As is known, the foundation of this school was laid in May last year. The laying of flowers at the monument of Magtymguly Fragi, located in the courtyard of the school, was especially impressive at the opening ceremony.

During the ceremony, an unforgettable gift was the presentation of the computer gifts to first-graders who will study at this school, on behalf of our esteemed President and our Hero Arkadag. As our esteemed President noted in his historic speech at the opening ceremony of the school, turkmen-tajik cooperation has been developing in new directions in recent years. Among them, it should be proudly noted that cooperation in the cultural and humanitarian sphere occupies a special place. May the new initiatives of turkmen-tajik relations be further developed.

*Aylar ATAJYKOVA,*
*the 5th year student*
*of the Faculty of International Journalism of the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan.*

# BILIM SYÝASATYNYŇ TÄZE GADAMY

Ýurdumyzda bilim almak hukugy her bir raýatyň konstitusion hukuklarynyň biri bolup durýar. Esasy Kanunymyz bolan Konstitusiýamyzyň 55-nji maddasynda: «Her bir adamyň bilim almaga hukugy bardyr. Umumy orta bilim hökmanydyr, her bir adam ony döwlet bilim edaralarynda tölegsiz almaga haklydyr. Döwlet her bir adam üçin öz ukyplaryna laýyklykda hünär biliminiň elýeterliligini üpjün edýär. Tölegli bilim beriş işini amala aşyrmaga kanunda bellenen esaslarda we tertipde ýol berilýär. Ähli bilim edaralary üçin hökmany bolan döwlet bilim standartlary bellenýär» diýlip bellenilýär. Bilim ulgamyny kadalaşdyrmagyň we bu hukugyň ähli adamlara kepillendirilmeginiň döwlet işiniň baş ugurlarynyň biri hökmünde kesgitlenmeginiň esasy sebäbi ylym we medeniýet bilen birlikde, bilimiň jemgyýetiň çalt depginler bilen ösmeginiň örän möhüm şerti bolmagyndadyr. Şonuň üçinem döwletimizde adamlaryň bilime bolan hukuklaryny doly durmuşa geçirmekleri üçin ähli zerur şertler, şol sanda kanuny kepillikler hem döredilýär. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we bu çygyrdaky gatnaşyklary düzgünleşdirmäge gönükdirilen beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň esasy maksatlary adamlaryň bilime bolan hukugynyň kanuny kepilliklerini artdyrmakdan, şol hukugy amala aşyrmagy has netijeli we düýpli üpjün etmekden ybaratdyr.

Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary netijesinde, ýurdumyzda ýokary okuw mekdepleriniň sany artýar we olara okuwa kabul edilýän talyplaryň sany hem ýylsaýyn köpeldilýär. Ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde täze hünärler açylýar. Bu bolsa ýaş nesiller hakynda edilýän aladanyň aýdyň subutnamasy bolup durýar.

Türkmen diplomatiýasynyň milli mekdebi bolan Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda täze «Halkara arbitraž we işewürlik hukugy» taýýarlygyň magistr ugrunyň açylmagy aýratyn bellenilmäge mynasypdyr. Bu ugruň esasy maksady ýokary derejeli halkara hukukçylary taýýarlamak we olara halkara hukugy boýunça bilim berilmeginiň daşary ýurtly maýadarlar bilen ýüze çykýan jedelli meseleleri döwletiň bähbidine çözmäge ýardam etmekdir. Hususan-da, ýurdumyzyň durnukly ykdysady ösüşleriniň barşynda bazar ykdysady gatnaşyklarynyň yzygiderli kämilleşmegine, halkara ykdysady gatnaşyklarda netijeli hyzmatdaşlyk etmäge, ýüze çykýan meseleleri ylalaşdyryjylyk ýoly bilen çözmegiň ähmiýetini artdyrmaga ýardam eder. Şeýle-de Türkmenistanyň «Daşary ýurt arbitražynyň çözgüdini ykrar etmek we ýerine ýetirmek hakyndaky» Konwensiýa goşulmagy bilen agza döwletiň çäginde kabul edilen arbitraž çözgütleriniň ykrar edilmegini we ýerine ýetirilmegini üpjün etmek hem-de halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryny durmuşa geçirmek, olar bilen bagly ýüze çykýan döwletara gatnaşyklary düzgünleşdirmek, halkara hukugynyň çäklerinde ýüze çykýan meseleleri çözmekde döwletiň ýa-da ýuridiki hem-de fiziki şahslaryň hukugyny, aýratyn hem, maliýe, maýa goýum we ykdysady jedellerde goramak üçin öz hünärine ökde hünärmenleriň zerurlygyny ýüze çykardy. Şuňa laýyklykda, ýurdumyzyň bu ugurda düzgünleşdiriji kanunlarynyň we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň ulanylyş tejribesini öwrenip, telekeçiligiň, erkin telekeçilik işi üçin döwlet kepilliklerini döretmekde halkara arbitraž kazyýetleri tarapyndan ygtybarly hukuk guraly hökmünde döwletiň ykdysadyýetiniň ösmegine we durnuklylygyna ýardam berjek we olaryň hukuklaryny we bähbitlerini gorajak, döwletiň bähbitleriniň hemmetaraplaýyn goragyny üpjün etmegine we pugtalandyrylmagyna itergi berjek hünärmenleriň taýýarlanylmagy möhüm orun eýeleýär. Esasan hem, bu ugur boýunça magistrleri taýýarlamaklygyň wajyplygy halkara hukugynyň kadalaryny, olardan gelip çykýan hukuklaryny we borçlaryny berjaý etmekligiň esasynda döwletimiziň halkara bitaraplyk hukuk derejesini has-da berkitjek, Türkmenistanyň halkara derejedäki abraýyny belende galdyrmak maksady bilen, ýüze çykýan döwletara meselelerini we jedellerini çözmäge, halkara jedelleri ýüze çykan mahalynda döwletiň bähbidi boýunça ylmy-gözleg işlerini alyp barmaga, ýurdumyzda ösýän erkin bazar gatnaşyklary şertlerinde ýüze çykýan gatnaşyklary düzgünleşdirmekde hereket edýän kadalaşdyryjy hukuk namalary düýpli öwrenmäge, bu ugurda döwletiň we jemgyýetiň bähbitlerini goramaga ukyply hünärmenleri kemala getirmekde ýardam eder.

Ýurdumyzda halkara gatnaşyklary boýunça ýokary derejeli ýaş hünärmenleri taýýarlamak, halkara hukukçylaryň ýokary derejede taýýarlanmagy, halkara arbitraž we işewürlik işiniň halkara we milli hukuk esaslaryny, halkara täjirçilik we maýa goýum arbitražlarynyň aýratynlyklaryny ýurdumyzyň ýaş hukukçylaryna öwretmek, olaryň halkara arbitraž we işewürlik işleri boýunça özbaşdak seljeriş ukybyny ösdürmek, nurana geljegimiz bolan kämil bilimli ýaş nesilleri kemala getirmek babatda uly aladalary edýän türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, alyp barýan tutumly işleri hemişe rowaçlyklara beslensin!

*Gülsenem HOMMADOWA,*
*Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara hukugy we deňeşdirme hukuk öwreniş kafedrasynyň mugallymy.*



*Türkmenistanyň Owganystandaky ilçisi Hoja Öwezow aragatnaşyk we maglumat tehnologiýalary ministri Nejibulla Haýat Hakani bilen duşuşdy. Duşuşykda taraplar optiki süýümli aragatnaşyk geçirijisini döretmek, kiberhowpsuzlyk bilen baglanyşykly meseleleri ara alyp maslahatlaşdylar.*

# Türkmenistanly diplomatlar

## Halypa diplomatdan ussatlyk sapaklary

Halkara işinde, diplomatik gullukda, takmynan, 60 ýylyň dowamynda döredijilikli zähmet çekmek bilen, maňa hünär taýýarlygy has ýokary bolan dünýä derejesindäki diplomatlar bilen işlemek miýesser bolupdy. Sowet Soýuzynyň ýaşan ýyllary sowet diplomatlary hem şol örän taýýarlykly topara aňryýany bilen degişli bolupdylar. Şol döwürde Sowet Soýuzynyň diplomatik gullugynyň ulgamynda işlän türkmen diplomatlary özlerini sowet-türkmen ýa-da sowet diplomatlary diýip atlandyrardylar.

Şu ýazgymyň sözbaşysyny «Türkmenistanly diplomatlar» diýip atlandyrmak bilen, bu ýerde Sowet Soýuzy döwründe SSSR-iň DIM-iň ulgamynda işlän türkmen diplomatlaryny, şeýle hem ata-eneleri Türkmenistanda işlän, özleri bolsa Türkmenistanda doglan ýa-da çagalygyny respublikamyzda geçiren, soňra bolsa Sowet Soýuzynyň, has takygy, Russiýa Federasiýasynyň ýokary diplomatik mekdeplerini tamamlap, SSSR-iň DIM-iň ulgamynda işlän sowet-rus diplomatlaryny göz öňünde tutýaryn.

70-nji ýyllaryň ortasynda Sowet Soýuzynyň diplomatik gullugynda işläp başlamagym bilen, meniň türkmenistanly diplomatlar, umuman, sowet diplomatlary bilen dostlukly, işewür gatnaşyklarym hemişe ösmek bilen boldy. Şol gatnaşyklar diplomatik ussatlygymyň yzygiderli ýokarlanmagyna, diplomatik tejribe bilen biziň özara baýlaşmagymyza we dostlugymyzyň pugtalanmagyna uly ýardam etdi.

SSSR-iň diplomatik gullugynyň ulgamynda menden öň işlän ýa-da işe başlan türkmen diplomatlary barada aýtsam, onda ozaly bilen, G.M.Kuliýewi, T.B.Durdyýewi, Oleg Boçarowy ýatlap geçmekçi. Mysal üçin, Gylyç Mämedowiç, ozal hem belläp geçişim ýaly, diplomatik işine 1943-nji ýyldan başlaýar: 1943 — 1948-nji ýyllarda ol SSSR-iň Gürgendäki (Eýran) konsullygynda, 1957 — 1960-njy ýyllarda SSSR-iň Owganystandaky ilçihanasynyň geňeşçisi, 1960 — 1962-nji ýyllarda bolsa SSSR-iň Tunisdäki Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi wezipesinde işläpdir.

Tahyr Bäşimowiç barada aýtsam, onda ol 1974-nji ýylda SSSR-iň DIM-iň Ýokary diplomatik mekdebini tamamlady we soňky 10 ýylyň dowamynda Kubada SSSR-iň ilçihanasynda birinji sekretaryň, geňeşçiniň we geňeşçi-wekiliň wezipelerinde işledi. 1987 — 1991-nji ýyllarda Tahyr Durdyýewiç Boliwiýada SSSR-iň Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi, 1995 — 1999-njy ýyllarda Gawana Respublikasynda, onuň gapdalyndan bolsa Trinidad we Tobago Respublikasynda Russiýa Federasiýasynyň Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi bolup işledi.

Sowet Soýuzy döwründe ýurdumyzyň diplomatik korpusynda zähmet çeken türkmenistanly sowet-rus diplomatlary hem az bolmady. Mysal üçin, 1970 — 80-nji ýyllarda SSSR-iň DIM-iň merkezi diwanynda işlän Ýuriý Borisowiç Kaşlew, Igor Nikolaýewiç Zemskow, Aleksandr Wasilýewiç Teterin, Wladimir Wiktorowiç Şustow we başga aşgabatly diplomatlar ýokary diplomatik wezipelere ýetmegi başarypdylar, Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçi ýaly iň ýokary diplomatik derejelere mynasyp bolupdylar.

Hususan-da, Ý.B.Kaşlew 1934-nji ýylda Türkmenistanyň Tejen şäherinde eneden doglupdyr we soňra ol belli sowet rus diplomaty bolup ýetişipdir. Ýuriý Borisowiç SSSR DIM-iň Kollegiýa agzasy hem boldy.

I.N.Zemskowyň durmuş ýoly bilen tanyşmak hem gyzyklydyr: Igor Nikolaýewiç öz wagtynda Aşgabatdaky lukmançylyk institutyny tamamlaýar, ýöne soňra ol ykbalyny diplomatiýa baglapdyr we SSSR-iň daşary işler ministriniň orunbasary wezipesine çenli ösüpdir. Şol bir wagtyň özünde I.Zemskow halkaraçy alym, professor hökmünde hem tanalypdy.

Özüni aşgabatly hasaplan kärdeşim Wladimir Wiktorowiç Şustow bolsa 1930-njy ýylda Leningradda (häzirki Sankt-Peterburg) doglupdyr. 1941 — 1945-nji ýyllardaky Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda onuň maşgalasy Türkmenistanda ýaşapdyr. 1957 — 2002-nji ýyllarda Wladimir Wiktorowiç SSSR-iň DIM-iň ulgamynda dürli jogapkärli wezipelerde, şol sanda BMG-niň ýanyndaky SSSR-iň Hemişelik wekiliniň orunbasary, SSSR-iň DIM-iň Ylmy-utgaşdyryjy merkeziniň ýolbaşçysy wezipesinde işledi.

1927-nji ýylda Türkmenistanda doglan sowet rus diplomaty A.W.Teterin barada aýtsam, Aleksandr Wasilýewiç SSSR-iň DIM-iň Konsul müdirliginiň başlygynyň, Sowet Soýuzynyň Kommunistik partiýasynyň Merkezi Komitetiniň Halkara bölüminiň başlygynyň orunbasarynyň wezipelerinde işledi, 1987 — 1990-njy ýyllarda bolsa, ol Norwegiýada SSSR-iň Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi boldy.

Türkmenistanly diplomatlar bilen meniň tanyşlygym dürli wagtda we dürli ýollar bilen bolup geçdi. Aleksandr Wasilýewiç Teterin bilen ilkinji gezek 1978-nji ýylyň 27-nji oktýabrynda tanyşdym. Şonda SSSR-iň DIM-iň Moskwanyň Tolstoý köçesinde ýerleşýän aýratyn jaýynda konsullyk meseleleri boýunça soýuz ministrligi bilen bagly umumy maslahat geçirilipdi. Maslahatyň arakesmesinde Aleksandr Wasilýewiç meniň ýanyma gelipdi we öz maşgalasynyň taryhyny, şol sanda özleriniň 1948-nji ýylyň ýer titremesine çenli Aşgabatda ýaşandyklary barada maňa gysgaça gürrüň beripdi. Aleksandr Wasilýewiç diýseň kiçigöwünli adamdy, umuman, hakyky diplomatdy we onuň bilen söhbetdeş bolmak örän ýakymlydy we peýdalydy. SSKP-niň Merkezi Komitetiniň halkara bölüminiň başlygynyň orunbasarynyň wezipelerinde işlän döwründe ol seýrek hem bolsa iş boýunça TDIM-iň ýolbaşçysy hökmünde B/Ç aragatnaşyk serişdesi arkaly maňa jaň ederdi, saglyk-amanlyk soraşardy, ministrligimiziň işi bilen gyzyklanardy. Biziň dostlukly, işewür aragatnaşyklarymyz uzak döwrüň dowamynda barha pugtalandy.

Ýokarda men 1991-nji ýylyň oktýabrynda SSSR-iň DIM-iň Diplomatik akademiýasynyň ýanyndaky Ýöriteleşdirilen geňeşde «Sowet Soýuzynyň halkara işine Türkmenistanyň gatnaşmagynyň ewolýusiýasy» (1917 — 1990 ýý.) atly tema boýunça doktorlyk dissertasiýamy üstünlikli gorandygymy belläp geçipdim. Şol döwürde SSSR-iň DIM-iň Merkezi diwanynda işlän türkmenistanly diplomatlaryň ählisiniň meniň üçin örän uly syýasy, ylmy ähmiýeti bolan şol çärä gatnaşmaklary biziň dost-doganlygymyzyň nobatdaky nyşany bolupdy we ol maňa uly ruhy goldaw beripdi.

***Amangeldi RAHMANOW,***
***Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara gatnaşyklary we diplomatiýa kafedrasynyň müdiri, Türkmenistanyň Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi, Türkmenistanyň ussat diplomaty, professor, taryh ylymlarynyň doktory, filosofiýa ylymlarynyň kandidaty.***

# Новости дипломатических представительств Туркменистана за рубежом



3 сентября Посол Туркменистана в Токио Атадурды Байрамов встретился с председателем Японо-Туркменского комитета по экономическому сотрудничеству Хироюки Цубаи.

Стороны обсудили итоги бизнес-форума «Центральная Азия + Япония», состоявшегося в Астане месяц назад, 9 августа, и ход подготовки к 15-му совместному заседанию Туркмено-Японского и Японо-Туркменского комитетов по экономическому сотрудничеству.



На встрече были отмечены позитивные перспективы дальнейшего укрепления сотрудничества между Туркменистаном и Японией, намечены ключевые шаги для успешной реализации совместных проектов.

3 сентября новый посол Республики Таджикистан в Объединенных Арабских Эмиратах Ашрафджон Гулов посетил с визитом вежливости Посольство Туркменистана в Абу-Даби, где был принят послом Сердармаммедом Гараджаевым.

В ходе встречи стороны обсудили позитивное состояние двусторонних отношений между Туркменистаном и Таджикистаном и отметили, что недавние визиты на высоком уровне способствовали укреплению сотрудничества в различных областях.

5-6 сентября в грузинском Батуми состоялась шестисторонняя встреча руководителей железнодорожных администраций Кыргызстана, Узбекистана, Туркменистана, Азербайджана, Грузии и Турции по развитию международного мультимодального маршрута CASCA+, сообщила пресс-служба туркменской дипмиссии в Тбилиси. Туркменскую делегацию возглавил Заместитель генерального директора АООТ «Демиреллары» С. Нурбердиев.

На встрече обсуждались вопросы расширения международного сотрудничества между логистическими структурами, активизации транспортного коридора CASCA+ и обмена опытом в автомобильных, морских, железнодорожных и воздушных перевозках.

***Подготовила:***
***Оразджемал ЧАРЫЯРОВА,***
***студентка II курса факультета международной журналистики.***

*6 сентября в Брюсселе состоялась первая встреча послов стран Совета сотрудничества арабских государств Залива (ССАГЗ), Центральной Азии и Монголии.*

# The joy of the student's soul



In the year "The Fount of Wisdom Magtymguly Fragi" my dream came true.

The special attention is paid by our esteemed President to the improvement of knowledge in our country. These carried-out decisions will be the great help for younger turkmen generation to become an expert in their future career.

During the school years various competitions were held to make the schoolchildren decide what specific job they will choose for their future.

Having passed all exams, I was given the opportunity to study in my dream institute.

During my school years, I took part in numerous competitions, one of them was "Altyn asyryň altyn zehinleri" where I've got first place several times in English subject.

As we know, the most attention is being paid to the knowledge of younger generation in our country. Therefore, these achievements of mine helped me to get into this institute.

I want to express my sincere gratitude to our Hero Arkadag and Arkadagly Hero Serdar for opportunities created for us, younger generation.

***Lachyn TEKEDURDYEVA,***
***the 1st year student of the Faculty of International Journalism.***

# STUDENT'S PRIDE

A person should always set a certain goal in his life and work tirelessly to achieve it. And today, all my hard work and effort have paid off. That is, I am very lucky that to be a student at the International Law Faculty of the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan. I successfully participated in the V game of the third season of the wisdom contest "Young Messenger of Peace" organized by the School of Young Diplomats operating within the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan, established on the basis of the decision of our Hero Arkadag, and and in 2024, I took the third place in the "Altyn asyryň altyn zehinleri" contest at the state level. The fact that I was awarded the valuable gift of the President and our Hero Arkadag in 2024 and has strengthened my passion for education even more. That in future I will make a worthy contribution to further development of the legal system of the country.



I would like to thank, our Hero Arkadag and Arkadagly Hero Serdar, who give us ample opportunities to study, learn, create, and discover our science and knowledge.

***Maksat ALYMBAYEV,***
***the 1st year student of the Faculty of International Law.***

# The first step to your dream destination

During the Era of the new Revival of Powerful State, our country under the wise leadership of our Hero Arkadag, our Arkadagly Hero Serdar, is progressing from development to development. Today, long-term reforms cover all aspects of the national economy. The sphere of science and education system play a very comprehensive role in this field.



In this regard, the ongoing reforms are evidenced by the scientific and educational centres built every year in the country that meet world standards . For example, on the 1st of September of this year, New military school in Ashgabat was opened. The establishing of the foundations of a complex of new buildings of higher educational institutions in the capital and provinces help our young generation to improve their education in various fields. In addition, Olympiads are held to identify the talents of the young generation. One of such competitions is the intellectual competition "Young Messengers of Peace" organized by the School of Young Diplomats under the auspices of the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan. I also managed to pass successfully through the qualifying stages of the season of this competition and reached the semi-finals.

This competition gave me the opportunity to learn valuable information about the ancient history of the Turkmen people and the life paths of historical figures who made significant contributions to Turkmen diplomacy. In particular, the fact that the competition is held in accordance with the ancient traditions of the Turkmen diplomacy is of great importance in educating our youth in the spirit of patriotism.

I am also deeply interested in the environmental studies. I managed to win the 3rd place in the biology lesson of state level in the 11th grade of the "Altyn asyryň altyn zehinleri" competition. I also managed to win a silver medal in Biology at the International FISO Olympiad in 2024.

On the 1st of September, 2024, the Day of Knowledge and Student Youth was solemnly celebrated. The beginning of this new academic year has become an unforgettable event in my life. I was lucky to become a student of the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan. This has increased my desire to study the foreign languages and the methods of Turkmen diplomacy. I also want to assure you that I will grow up to be an inspiring person, valuable to our country, without neglecting my education.

***Soyli YAZBERDIYEVA,***
***the 1st year student of the Faculty of International Relations.***

***Karaçaý-Çerkessiýanyň A. U. Aliýew adyndaky döwlet uniwersitetinde daşary ýurtly talyplar üçin Magtymguly Pyragy adyndaky talyp haky döredildi. Talyp hakynyň mukdary – 10 müň rubla barabar.***

ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI
METBUGAT – ELEKTRON GAZETI / ELECTRONIC NEWSPAPER
THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT

*Baş redaktor*
***Täzegül KULJIKOWA***

***Baş redaktoryň orunbasarlary:*** *M.Mätgurbanow, G.Gurbansähedow.*
***Jogapkär kätip:*** *B.Garaýew.*
***Jogapkär kätibiň orunbasary:*** *A.Kaşaňow.*
***Bölüm müdiri:*** *J.Öwezowa.*
***Edebi işgärler:*** *A.Ýazweliýew, O.Çaryýarowa, A.Nobatowa, Y.Hallyýew.*
***Korrektor:*** *A.Döwletowa, M.Orazdurdyýewa.*

***Redaksion geňeşiň agzalary:***
*B.Ataýew, M.Berdinyýazow, A.Gökleňow, R.Başimow, B.Saryýew, B.Amansaryýew, B.Karaýew, M.Gandymowa, P.Çaryýew, J.Pürjäýewa, O.Amanmuhammedowa.*

***Gazet elektron görnüşinde HGI-niň www.iirmfa.edu.tm internet saýtynda ýerleşdirilýär.***

***E-mail:***
***hgi.redaksiya@gmail.com***